MAGTYMGULY – YLHAM ÇEŞMESI

# MAGTYMGULY – YLHAM ÇEŞMESI

TÜRKMENISTANYŇ YLYMLAR AKADEMIÝASY
MAGTYMGULY ADYNDAKY DIL, EDEBIÝAT WE MILLI GOLÝAZMALAR INSTITUTY

# MAGTYMGULY – YLHAM ÇEŞMESI

*Makalalar ýygyndysy*

*Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry*
*Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna*

Aşgabat
"Ylym" neşirýaty
2023

**Türkmenistanyň Milli Lideri**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**

***– Magtymguly Pyragy sözüň güýji, gudraty bilen şygryýet äleminde ady arşa galan beýik akyldar şahyrdyr.***

***Enejan ORAZMYRADOWA,***
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklar institutynyň mugallymy*

# MAGTYMGULYNYŇ DÖREDIJILIGINDE TERBIÝEÇILIK ÝÖRELGELERI

Gündogar edebiýatynda özüniň ajaýyp döredijiligi bilen öçmejek yz galdyran beýik akyldarlaryň biri hem Magtymguly Pyragydyr. Beýik şahyryň şygryýet dünýäsinde türkmen halkynyň durmuşy öz aýdyň beýanyny tapypdyr. Magtymguly Pyragynyň şygyrlary durmuşda dogry ýoly salgy berýän özboluşly ýol-ýörelgedir. Magtymguly Pyragy XVIII asyrda ýaşap, özüniň dürdäne döredijiligi bilen türkmen edebiýatyny, türkmen dilini ösdüren şahyr. Belli alym Mäti Kösäýewiň belleýşi ýaly, türkmen halkynyň wepaly ogly Magtymguly örän kiçigöwünli, saýhally, edepli, salyhatly, sypaýy adam bolupdyr. Ol hiç wagtda ulumsylyk etmändir, men-menlik satmandyr, şöhrata kowalaşmandyr, serpaý üçin köşk şahyry bolmandyr, ol adamkärçiligiň iň gowy sypatlaryny özünde jemläpdir. Şahyr ulumsylyk edýänleri, tekepbirleri, bedasyl şöhratparazlary, açgöz harsydünýäleri elmydama rehimsiz ýazgarypdyr [6].

Türkmeniň milli guwanjy, milli buýsanjy, beýik dana Magtymguly Pyragy türkmen milletine ýakyn bolan täze bir edebiýatyň düýbüni tutdy. XVIII asyrdan bäri bu beýik dana her bir türkmeniň kalbynda hem aňynda adamkärçiligiň, ynsaplylygyň, watansöýüjiligiň beýik nusgasy hökmünde ýaşap gelýär. Onuň her bir eseri mertlige, wepalylyga, gaýduwsyzlyga, agzybirlige ýugrulandyr [8].

Magtymguly Pyragynyň “Otur-turuşyn görüň” diýen goşgusy terbiýeçilik ähmiýetli şygyr bolup, adamy adamdan tapawutlandyrýan häsiýetleri synçylyk bilen birin-birin açyp görkezýär. Olar çeper suratlandyrmalar arkaly göz öňünde janlanýar. Çünki, her ýigidiň asly bolmaly. Asyl diýilýän zat bolsa ata-eneleriň özleriniň terbiýeli adamlar bolmalydygyny, çagalaryny oňat terbiýeli adamlar edip ýetişdirmelidigini aňladýar.

Ýigidiň aslyny biljek bolsaňyz, köpçülik ýerinde özüni alyp barşyna syn ediň diýip, şahyr aýratyn belleýär:

Her ýigidiň aslyn bileý diýseňiz,

Märekede otur-turuşyn görüň.
Birew bilen aşna bolaý diýseňiz,
Owwal ykrarynda duruşyn görüň [3. 402 s.].

Şahyr ýoldaş bolup tirkeşjek, dost bolup gatnaşjak adamyňy saýlamagyň ýollaryny örän çeper sözler arkaly aňladýar.

Magtymgulynyň "Durasyň geler" diýen goşgusy gelin-gyzlar hakynda söz açyp, gylyk-häsiýet bilen bagly meseläni öňe sürýär, degerli pikirleri orta atýar. Şygyr bu goşgynyň ilkinji bendinde:

Gözel bardyr, gözellerden zyýada,
Onyň hyzmatynda durasyň geler;
Edepli, ekranly, mylaýymzada,
Tä ölinçäň bile ýöresiň geler [3. 183 s.]

– diýmek bilen, gözelleriň owadanlygy, elbetde, imrindiriji sypatdyr. Emma gözeli ähli gözellerden zyýada, ýagny artykmaç belent edip görkezýän zat – onuň gylyk häsiýeti. Ol gözel edepli, ekranly, mylaýym bolany üçin, "gözellerden zyýada". "Gözel bardyr, uzyn boýly, alkymy – Garaňky gijede düşer ýalkymy" diýlen tarypa mynasyp bolmagyň aňyrsynda "Sözlegen sözleri misli bal kimin" diýlen şirindillilik ýatyr. Diýmek, gözeli gözel edip görkezýän zat diňe onuň görk-görmegi bolman, eýsem häsiýetiniň-de ýakymly bolmagydyr.

Magtymguly Pyragynyň ýaşap geçen döwründe türkmen tire-taýpalarynyň agyzlary ala bolupdyr. Birleşmek, agzybirlik ýaly pikir her bir adamyň aňynda döräp başlapdyr. Taryhda ýetmişden gowrak döwlet guran beýik türkmen halky daşary ýurtly basybalyjylar tarapyndan talanypdyr, men-men diýen ogul-gyzlar ýesir alnypdyr. Şu jähtden Magtymguly Pyragy tire-taýpalary bir döwletlilige çagyrypdyr. Ol özge duşmanlaryň gyjalatyna gidip, sähel zat üçin garpyşyp, ganjarşyp ýörmegi köre-körlük, bidöwletlilik hasaplap:

Biri – birini çapmak ermes ärlikden,
Bu iş şeýtanydyr, belki, körlükden,
Agzalalyk aýrar ili dirlikden,
Munda döwlet dönüp, duşmana gelgeý [4. 174 s.]

– diýip ýazypdyr. Magtymguly Pyragy ata Watanyny jany-teni bilen söýüpdir. Watan üçin aýgytly hereketleri edip, il-halky watansöýüjilige çagyryp, ençeme goşgulary döredipdir. Akyldar şahyryň ,,Türkmeniň", "Türkmen binasy", ,,Gürgeniň" ýaly goşgulary bu babatda ýazylan ölmez-ýitmez eserlerdir. Ol dogduk Watanynyň ýeke gysym topragynyň dünýä baýlygyna çalşyp bolmajak derejede mukaddes, ezizdigine düşünipdir. Hiç bir gaýry ýurt göbek ganyň daman mekany ýaly mähriban däldir. Bu babatda Magtymguly özüniň ,,Mert bolmaz" şygrynda:

Sözlegil bileniň dilden,
Bilbil aýra düşse gülden,
Eşit adam, dogan ilden -

Gaýry mähriban ýurt bolmaz [3. 311 s.]
– diýip, Watana bolan söýgüsini beýan edýär. Türkmen tire-taýpalarynyň birleşmegine gerek bolan esas hökmünde bir döwletlilik, bir başa boýun bolmak ýaly garaýyşlaryny beýik Pyragy özüniň edebiýat meýdanynda uly yz galdyran "Döker bolduk ýaşymyz", "Il biläni", "Türkmeniň" ýaly şygyrlarynda çeper beýan edipdir. Magtymguly Pyragy eger türkmen tire-taýpalary birleşse, bir başa, bir döwlete gulluk etse, onda onuň öňünde hiç bir güýjüň durup bilmejegine çuňňur göz ýetirip:

Türkmenler baglasak bir ýere bili,
Gurudars Gulzumy, derýaýy-Nili,
Teke, ýomut, gökleň, ýazyr, alili -
Bir döwlete gulluk etsek bäşimiz [4. 212 s.]

– diýip, çeper söz bilen beýan edýär. Eziz Watany, mukaddes topragy, aýal-gyzlaryň ar-namysyny gorap öten, gerek bolsa, janlaryny orta atyp, başlaryny gurban eden gerçekler türkmen taryhynda az däl. Magtymguly Pyragy hem ata Watany daşky duşmanlardan goramakda türkmen gerçeklerini, ýigitlerini, han-serdarlaryny goldap, olara öz goşgularynyň üsti bilen ruhy goltgy beripdir:

Ýüňi ýeten goç ýigidiň ýanynda
Altmyş nedir, ýetmiş nedir, ýüz nedir... [4. 232 s.].

Watançy şahyr Magtymguly goç ýigitleriň ýöne bir garagüýç bolman, her bir zadyň ýerini bilip, oňa aň ýetirip bilýän, akylly başly bolmagyny isläpdir. Ol bu baradaky pikirlerini öwüt-nesihatlaryny halka ýetirmek üçin "Gerekdir" diýen goşgusyny ýazypdyr. Şygyr turuwbaşdan:

Giň ýerde garga deý bolsun wehimli,
Ýerinde hünäri, işi gerekdir [4. 246 s.]

– diýip, sypahyň (nökeriň, esgeriň) kemally bolmalydygyny belleýär. Nirede nähili hereket etmelidigini aklynda aýlap bilýän başy bolmasa, golunyň güýjünden dowamly peýdalanyp bilmez diýen mazmunda söhbede başlaýar. Özüne "men!" diýen goçaklaryň aňy çeýe bolmaly. Olar nirede näme etmelidigini aňlap bilmeli, üşügi bilen duýmaly. Meselem, şeýleräk hereket etseler, mertlik öz ýerini tapar diýen äheňde gürrüň edip, şahyr şeýle ýazypdyr:

Gaplaň kimin arlap girse meýdana,
Tilki kimin bazy berse her ýana,
Duranda gaýa dek durup merdana,
Alar ýerden at salyşy gerekdir [4. 246 s.].

Magtymguly özüniň jöwher paýhasyny siňdiren şygyrlarynda ynsanperwerli ge uly üns beripdir. Akyldar beden sagdynlygyny, güýçlüligi mert ýigidiň zerur sypatlarynyň biri hasaplap, öz döwrüniň mert, batyr ýigitlerini wasp edipdir. Magtymguly Pyragy durmuşyň agyr pursatlarynda ejizlemän, oňa mertlik bilen döz gelmelidigini, göreşmelidigini ündeýär. Şahyryň dünýä hakyndaky oýlanmalary ähli çuňlugy we danalygy bilen döredijiligine siňipdir. Ol öz ykbalyny bagyş

eden işinde belent derejelere ýetip, öz döwrüniň ussat şahyry hökmünde halkyň söýgüsini gazanypdyr. Watansöýüjilik temasy beýik şahyryň eserleriniň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Şahyr hakyky watançylaryň halkyň içindedigine düşünýär, şonuň üçin hem ol Watanyň üstüne howp abanan wagty, olara ýüz tutup, iliň-günüň ar-namysyny gorap saklamaga bütin türkmen halkyny çagyrýar. Magtymgulynyň «Türkmeniň», «Gürgeniň», «Gökleň», «Türkmen binasy», «Ili gözlär», «Bilinmez» ýaly ençeme goşgulary onuň watansöýüjiliginiň belent mertebesini görkezýär.

«Ajaýyp şygyrlary bilen ynsan kalbyny ýagşylyk nuruna bezän türkmeniň akyldar ogly Magtymguly Pyragynyň mertebesi türkmen halky üçin iň belentde goýulýan mukaddeslikleriň biridir» [1. 107 s.] -diýip, Milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň şahyryň döredijiligine beren takyk we çuň manyly kesgitlemesi Magtymgulynyň döredijiliginiň türkmen halkynyň durmuşynda wajyp orun tutandygyny görkezýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Magtymguly Pyragynyň edebi mirasyny täzeçe öwrenmeklik ýola goýlup, bu ugurda tutumly işler edilýär. Türkmen alymlary Magtymguly Pyragynyň golýazma mirasyny öwrenmekde we olaryň esasynda şahyryň şygyrlaryny neşire taýýarlap, halk köpçüligine elýeterli etmekde uly tejribe topladylar. Şahyryň edebi çeper dünýäsini açmaklyga edilen synanyşyklar, dünýewi hem ylahy pelsepe goşgularynyň derňewi onuň dünýägaraýşyny we şygyr-çeperçilik ussatlygyny kesgitlemekde ähmiýetli boldy. Garaşsyzlygymyzyň ilkinji ýyllarynda Magtymgulynyň sopuçylyk garaýyşlary magtymgulyşynas alymlar tarapyndan öwrenilip, ussadyň ylahy dünýäsiniň “gizlin syry” açyldy.

Bu gün hormatly Prezidentimiziň we Milli Liderimiziň saýasynda türkmen milleti ösüşiň çür depesine çykdy. Bedew bady bilen eşrete tarap barýan gapylar eýýäm giňden açyldy, alnymyza eşret nury çaýyldy, Magtymguly Pyragynyň çoh garaşan ajap eýýamy gelip, ady äleme doldy. Türkmen milleti özüniň medeni, ylahy baýlyklaryna eýe. Ýurdumyzyň alny ak bagta tarap garaýar.

Magtymguly külli türkmeniň şahyry hökmünde at-owazasy dünýä dolan şahsyýet, şonuň üçin onuň ajaýyp setirlerine, gyzylyň gyryndysy ýaly garamak duýgusy diňe bir türkmen halkyna häsýetli duýgy bolman, eýsem, dünýäniň dürli halklaryna mahsus duýga öwrüldi. Şahyryň altyn setirleri, şeýle duýgy bilen örän irki döwürlerden bäri ünsi özüne çekip geldi. Şoňa görä, onuň dana setirlerini birleşdirýän aýry-aýry şygyr diwanlarynyň bir ujy Hindistandan çyksa, bir ujy meşhur Britan muzeýinden çykdy.

Bilşimiz ýaly, Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen 2014-nji ýylda Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 290 ýyllygy dabaraly bellenilip geçildi. Şol ýylda geçirilen dabaralardyr maslahatlar we köp sanly çäreler hem-de türkmen nusgawy şahyrynyň eserleriniň dünýäniň halklarynyň köpüsiniň dillerine terjime edilmegi diňe bir ýurdumyzyň däl, eýsem, dünýä medeniýetiniň buýsanjy bolan beýik söz ussadynyň şahsyýetine we mirasyna gyzyklanmany artdyrdy. Mundan

başga-da, şahyryň dogduk mekanynda, onuň adyny buýsanç bilen göterýän etrabynda Magtymguly Pyragynyň medeni ýadygärlikler toplumynyň hem-de muzeýiň açylandygyny guwanç bilen bellemelidiris. Şeýle hem Milli Liderimiziň 2024-nji ýylda Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyny bellemek bilen baglanyşykly Karara gol çekmegi hem türkmen halkynyň beýik akyldar şahyrynyň dünýä ýüzünde giňden wagyz edilmegine uly goşant bolar.

Milli Liderimiz: “2024-nji ýylda türkmen halkynyň dünýä meşhur akyldar şahyrynyň 300 ýyllyk dabarasy giňden belleniler. Şeýle hem 2024-nji ýyly «Magtymguly Pyragynyň ýyly» diýip yglan ederis. Munuň özi beýik şahyra goýulýan hormatyň nyşanyna öwrüler” [6] -diýip belleýär. Şu mynasybetli 2024-nji ýylda geçiriljek türkmen edebiýatynyň nusgawy şahyrynyň şanly senesi bilen baglanyşykly birnäçe çäreleri amala aşyrmak meýilleşdirilýär. Hususan-da, bütin adamzadyň altyn genji-hazynasyna giren Magtymguly Pyragynyň baý edebi mirasyny çuňňur öwrenmek we dünýäde giňden wagyz etmek maksady bilen, XVIII asyryň meşhur akyldar şahyrynyň ömrüne we döredijiligine bagyşlanylan ýörite internet-portalyny döretmek maksat edinilýär.

Ýeri gelende aýtsak, Magtymguly Pyragynyň şygyrlarynyň ýygyndysy dünýäniň köp dillerine, şol sanda türk, rus, iňlis, azerbaýjan, arap, ermeni, belarus, gazak, özbek, täjik, gruzin, ukrain, hytaý, ýapon, rumyn we beýleki birnäçe dillere terjime edildi. Şeýle hem häzirki zamanyň sanly tehnologiýalarynyň üsti bilen şahyra degişli ähli maglumatlary özünde jemleýän ilkinji gezek “Magtymguly Pyragy ensiklopediýasyny” döretmek; sanly we neşir görnüşindäki “Magtymguly Pyragy diwanyny” taýýarlamak; türkmen şahyrynyň şygyrlaryny dünýäniň dürli dillerine terjime etmek hem-de olaryň tanyşdyrylyş dabaralaryny, kitap sergilerini, döredijilik duşuşyklaryny, ylmy-amaly maslahatlary geçirmek, ylmy-barlag işlerini taýýarlamak meýilleşdirildi.

Halkara guramalar bilen hyzmatdaşlykda akyldar şahyryň edebi mirasyny dünýä derejesinde öwrenmegi hem-de wagyz etmegi ýola goýmak maksat edinilýär. Şu maksatlar bilen 2024-nji ýylda Aşgabat şäherinde Halkara ylmy maslahatyny geçirmek meýilleşdirilýär.

Alym Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, “Häzir, asyrlar geçse-de, öz Watanyňy söýmäge, agzybirlige we doganlyga çagyrýan halkymyzyň beýik oglunyň şygyr setirleri öz wajyplygyny ýitirmän, ýüreklerde mynasyp orun alýar. Mähriban topragymyzyň hakyky watançysyny, türkmenleriň ençeme nesilleriniň pikirlerini we umyt-arzuwlaryny aýdyň beýan ediji şahyrymyzy hormatlap, biz onuň 300 ýyllyk şanly senesi mynasybetli çäreleri iň ýokary derejede guramalydyrys we giň halkara jemgyýetçiligini onuň ajaýyp döredijiligi bilen mundan beýläk-de tanyşdyrmalydyrys” [6].

Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda beýik şahyryň ömrüni we döredijiligini öwrenmek boýunça uly işler alnyp barylýar. Goý, Arkadagly Serdarymyzyň, Milli Liderimiziň janlary sag, ömürleri uzak, tutumly işleri rowaç bolsun!

**EDEBIÝAT**


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. – Aşgabat. 2008.
2. *Garryýew B. A.* Magtymguly we onuň watançylygy. – Aşgabat. "Türkmendöwletneşir", 1943.
3. Magtymguly. Saýlanan eserler ýygyndysy. – Aşgabat. TDNG, 2014.
4. Magtymguly. Goşgular. – Aşgabat. TDNG, 2008.
5. *Mustakow R.* Magtymguly we gündogar edebiýaty. – Aşgabat. TDNG, 2014.
6. Türkmenportal. Internet saýty.
7. XVIII–XIX asyr türkmen edebiýatynyň taryhy boýunça öçerkler. – Aşgabat. Ylym, 1967.



***Oguldursun SEÝIDOWA,***
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň Aspirantura bölüminiň baş hünärmeni*


# MAGTYMGULYNYŇ DÖREDIJILIGINDE AKYL ÝETIRIŞ DÜŞÜNJESI

**Magtymguly:**
*Magtymguly, hemdem, akyl syrdaşyň.*

Adamzat dünýä akyl ýetirmek, barlygyň syrlaryna düşünmek bilen bagly bilimleri öz ýaşaýyş durmuşynyň dowamynda şahsy we jemgyýetçilik tejribesiniň esasynda özleşdirýär.

Ynsan başlangyç öwrenen bilimlerini, maglumatlaryny soňraky täze özleşdiren, ylmy taýdan esaslandyrylan maglumatlarynyň üsti bilen baýlaşdyryp zatlara, hadysalara akyl ýetirýär. Zatlara we hadysalara akyl ýetirmeklik çuňňur özleşdirilen ylym-bilimlere hem-de synagdan geçirilen durmuş tejribesiniň netijeleriniň utgaşmasyna esaslanýar. Tebigatyň syrlaryna hemmetaraplaýyn akyl ýetirmek arkaly düşünilýär.

Akyl ýetirişiň ösüş basgançagynda ynsanyň döredijilik işi, durmuş zerurlyklary, akyl ýetirilmeli obyekt hakyndaky nazary pikirleri düýpli çuňlaşdyrmagyň zerur şertini emele getirýär. Ynsanyň akyl ýetiriş derejesiniň esasy wezipesi hadysanyň düýp manysyny aňdyňlaşdyrmak bolup durýar.